# Tarawa namazy.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede, ähli-beýtine we ashabyna salat we salam bolsun.

**Tarawa namazynyñ hökümi we ady:**

Tarawa namazy ramazan aýynda jemagat bilen kylynmagy erkeklere we zenanlara muekked sünnet bolan, nefil namazlardandyr. Bu namaza arapçada terawih diýip, atlandyrylmagynyñ sebäbi, musulmanlar bu namazy kylanlarynda her dört rekadyñ soñunda dynç almak üçin oturýanlyklary üçindir. Dynç almak üçin otyrmaklarynyñ sebäbi bolsa, her dört rekatda uzyn-uzyn Kuran okalmagydyr. Aýşa enemizden (radiallahu anha) Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) ramazan aýynda namazlary nähili kylardy diýip, soralanda. Aýşa enemiz şeýle diýýär: **“Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) ramazan aýynda bolsun ýa-da başga aýda bolsun on-bir rekatdan köp namaz kylmazdy** (bärde nefil namazlardan gürrüñ gidýär). **Öñürti dört rekat kylardy. Ol namazlaryñ gowulygy we uzynlygyny bolsa, sen sorama! Soñra bolsa, ýene dört rekat kylardy. Olaryñ hem gowulygy we uzynlygyny, sen sorama! Soñra bolsa, üç rekat kylardy....”** (Buhari, 2, 47-48)

Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) her dört rekatda iki gezek salam bererdi. Soñra bolsa dynç alardy. Sebäbi hem Ibn Omardan (radiallahu anh) gelen rowaýatda, bir adam Pygamberimize: “**Eý Allahyñ Resuly: Gije namazy nähili bolmaly? diýip, soranda: Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): Iki-ikiden kylmaly. Eger ertäñ wagty girer öýtseñ, witiri bir rekat kyl”** diýýär. (Buhari, 2, 45)

Ýagny her iki rekatda salam berer eken. Gije namazy nähili kylmaly diýip, soran kişäde iki-ikiden diýip, öwredýär!

Bu barada Aýşa (radiallahu anha) enemizden gelen başga rowaýatda şeýle diýýär: **“Resulullah (sallallahu aleýhi we sellem) ýassy namazy kylandan soñra erte namazyna çenli on-bir rekat namaz kylardy. Her iki rekatda salam bererdi soñra bir rekat witir kylardy.....”** (Muslim, 1, 508)

**Tarawañ fazileti:**

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Ramazan aýynda köpräk nefil namazy kylmagy ündändir. Ebu Hureýreden (radiallahu anh) rowaýat edilen hadysda, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär: **“Kimde-kim iman we umyt bilen ramazan aýyny kyýam bilen (namaz kylyp) geçirse, onuñ geçen günäleri bagyşlanar.”** (Buhari, 2, 251-252)

**Tarawañ taryhy:**

Aýşa enemizden (radiallahu anha) gelen rowaýata görä, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bir gije metjitde namaz kyldy. Ol namaz kylanlygy üçin bir jemagat hem onuñ bilen namaz kyldylar. Ertesi gijede ýene namaz kyldy, jemagat hasam artdy. Üçünji ýa-da dördünji gije jemagat ýene köpeldi. Emma ol gije Pygamberimiz (sallallahua aleýhi we sellem) jemagatyñ ýanyna çykmady. Ertesi gün irden jemagata şeýle ýüzlendi: **“Siziñ jemlenişeniñizi gördüm! Jemagata gelmezligimiñ sebäbi bunyñ (tarawa namazynyñ) size parz edilmeginden gorkmagym boldy.”** Bu waka Ramazanda bolupdy. (Buhari, 2, 44) Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) tarawa namazyna gelmezliginiñ sebäbini bize düşündirendir.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) başda 3-4 gün jemagata tarawa kyldyrýar, emma her gün jemagatyñ artýanyny görüp, Allah Tagalanyñ tarawany ymmatyna parz etmeginden gorkýar. Şonuñ üçin hem tarawa okatmagy bes edýär.

Hezreti Ebu Bekriñ (radiallahu anh) halyfalygy wagtynda we Hezreti Omaryñ (radiallahu anh) halyfalygynyñ başlarynda musulmanlar aýry-aýry tarawa kylardylar. Emma soñra Hezreti Omar (radiallahu anh) musulmanlary ymamyñ arkasynda

bir jemagat bolup okamaklaryny kararlaşdyrýar.

Çünki ýokarda-da belleýişimiz ýaly Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) 3-4 gün tarawa kyldyryp taşlamagynyñ sebäbi, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ol wagt diridi we wahyý (Allahdan tabşyryklar) inip durdy. Şonuñ üçinem Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ymmatyna bu namazyñ parz kylynmagynda gorkypdy. Emma Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) dünýäden gaýdan-dan soñra tarawanyñ musulmanlara parz bolma ähtimaly hem ýok bolupdy. Çünki Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ölümi bilen wahyý kesilipdi.

AbdurRahman bin Abdul-Kari aýtdy:**"Ramazan gijeleriniñ birinde Omar bin el-Hattab (radiallahu anh) bilen metjide geldik. Ynsanlar topar-topardylar. Käbirleri ýeke özi, käbirleri bolsa, öz aralarynda jemagat bolup namaz kylýardylar. Hezreti Omar: Meniñ garaýyşyma görä, şu jemagaty ymamyñ arkasynda bir jemagat bolup namaz okar ýaly etsem gowy bolar diýdi. Soñra karara geldi we olara Ubeý bin Kaby (radiallahu anh) ymam edip, bir ymamyñ arkasynda jemledi. Başga bir gün ýene onuñ bilen metjide gelipdik. Bu gezek musulmanlar hemmesi bir ymmamyñ arkasynda jemagat bolup namaz kylýarlardy. Buny gören Omar şeýle diýdi: Bu ne gözel başlangyç!.........."** (Buhari, 2, 252)

Şu ýerde bellemeli möhüm zat. Hezreti Omar (radiallahu anh) bärde dinde täzelik-bidgat çykardygy bolmaýardy. Hezreti Omar (radiallahu anh) ýaly sahabanyñ beýle bir zat etmegi asla, pikir ediljek zat däldir. Emma Hezreti Omaryñ (radiallahu anh) musulmanlary ymmamyñ arkasynda bir jemagat bolup, tarawa kylmalaryny kararlaşdyrmagy, bunyñ asly dinde bar bolup, hut Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) tarapyndan jemagat bolup kylanlygy üçindir! Emma başga bir tarapdan seredenimizde bolsa, dört çaryýarlaryñ ýoluna eýermek hem sünnetdir. Çünki bu barada Pygamberimizden (sallallahu aleýhi we sellem) sahyh hadysda, tabşyryk bardyr!

**Tarawa namazy näçe rekat kylynmaly:**

Aýşa enemizden (radiallahu anha) şeýle rowaýat edilýär: **" Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Ramazanda ýa-da başga bir aýda 11-rekatdan köp namaz kylmazdy....."** (Buhari 2, 47 -48)

Jabiriñ (radiallahu anh) şeýle diýeni rowaýat edilýär: **"Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Ramazan aýynda bize sekiz rekat bilen witir namazy kyldyrdy. Ertesi gün metjitde jemlendik we Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) ýanymyza çykmagyna garaşdyk. Ertä çenli metjitde garaşdyk. Ertesi Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna gitdik, Oña: Eý Allahyñ Resuly ýanymyza gelmegiñe we bize namaz kyldyrmagyña garaşdyk, diýdik. Pygamberimiz (sallallahua leýhi we sellem): "Men witiriñ (gije namazyñ) size parz edilmegindem çekindim."** diýdi. (Ibn Huzeýeme, 2, 138)

Pygamberimizden (sallallahu aleýhi we sellem) anyk we mütewatir rowaýat budyr.

Ondan soñra Omar bin el-Hattab musulmanlary Ubeý bin Kabyñ arkasynda (namaz okamaklary üçin) jemleýär. Şeýdip musulmanlar tarawany jemagat bolup kylmaga başlaýarlar we biziñ günümize çenli gelip ýetýär. Hezreti Omar (radiallahu anh) zamanasynda musulmanlar tarawany ýigrimi rekat kylarlardy soñra üç rekat witir okarlardy. Sahabalar hem bu meselede olary golladylar. Olardan soñra gelen raşid halyfalardan hiç kim, olaryñ tarawa okaýyşyna garşy çykmadylar. El-Mugnide şeýle diýilýär: **"Abu Abdullah Ahmed bin Hanbeliñ (Allah oña rahmet etsin) tarawa namazy barada üstün görýän garaýyşy 20-rekatlygydyr. Ymam Es-Sewri, Ymam Ebu Hanife we Ymam Şafi hem 20-rekat diýendirler. Ymam Mälik bolsa 36-rekat diýendir we gadymdan bäri ýörelge edileniñ 36-rekatdygyny öñe sürýär we bu meselede Medinelileriñ ýörelgesini esas alýar. Sebäbi Et-Tewemeniñ erkin eden guly Salih şeýle diýýär: Men jemagatyñ 41-rekat namaz kylanlaryny we bunyñ 5-rekatyny witir höküminde okanlaryny gördim."** (Ibn Kudame, el-Mugni, 2-167)

Dogrysy tarawa namazynda sünnet bolany on bir ýa-da on üç rekatdyr. Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) kylany hem budyr. Has sogaplysy hem budyr. Eger tarawa okajaklar mundan hem köp okajak bolsalar, munda-da päsgelçilik ýokdur. Çünki selef-salyhyndan rekatlaryñ köplügi barada dürli-dürli rowaýatlar bardyr. Emma kylynjak rekatlaryñ tertibi şerigata laýyk bolmalydyr. Ibn Omardan (radiallahu anh) gelen rowaýatda, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bu barada aýdandyr. Bir adam gelip Pygamberimize (sallallahu aleýhi we sellem): "**Ýa Resulullah gije namazy nähili (kylynmaly) diýip, soranda? Resulullah Oña: Iki-ikiden, diýýär....."**(Buhari, 2,45)

Bu barada Aýşa (radiallahu anha) enemizden gelen başga rowaýatda şeýle diýýär: **"Resulullah (sallallahu aleýhi we sellem) ýassy namazy kylandan soñra erte namazyna çenli on-bir rekat namaz kylardy. Her iki rekatda salam bererdi soñra bir rekat witir kylardy....."** (Muslim, 1, 508)

**Tarawa namazy haçan başlaýar?**

Ramazan aýynyñ birinji gijesinde başlanýar we ramazan aýynyñ soñky gijesine çenli dowam edýär. Wagty ýassy namazynyñ parzyndan we sünnetinden soñra, witir namzyndan öñ iki-ikiden kylynýar. Eger gije ýarymyna çenli tarawa kylynjak bolsa, witir namazy iñ soñunda kylynmalydyr. Bu barada Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): **"Gije okajagyñyz iñ soñky namaz witir bolsun"** diýýär. (Buhari, 2, 13) Gije gutarýança tarawañ wagty dowam edýär.

**Iñ sogaply tarawa namazy:**

Iñ sogaplysy tarawa okaýan kişiniñ, metjitde ymama uýyp jemagat bilen soñuna çenli bile kylmagydyr. Ymam witir bilen bilelikde on-bir, on-üç ýa-da ýigrimi-üç kylsada soñuna çenli ymama uýmak iñ sogaplysydyr. Bu ýagdaýda namaz kylan kişä gije namazyñ sogaby ýazylar. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bu barada şeýle diýýär: **"Bir kişi ymam bilen bilelikde, namaz gutarýança bile kylsa, oña ol gijäni doly namaz bilen geçiren ýaly sogap ýazylar."** (Ebu Dawud,1, 105)

Tarawa namazy metjitde jemagat bilen kylmak sünnetdir.

**Tarawa namazy öýde ýeke özüñ kylsañ bolýarmy?**

Ýeke başyña öýde kylmak hem bolýandyr. Emma metjitde jemagat bilen kylmak has haýyrlydyr. Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) metjitde jemagat bilen tarawa kylanlygy baradaky rowaýaty öñde agzapdyk.

Emma halkyñ içindäki şu ýalñyşy düzetmek gerekdir: Köp ýerde tarawa namazy diñe metjitde we jemagat bilen kylynýandyr diýen, düşünje bar! Tarawa namazy öýde ýeke özüñ hem kylsañ dogry we dürsdir. Hatda jemagata belli bir sebäpli ýa-da sebäpsiz gidip bilmedik kişi öýünde kylmaga çalyşmalydyr.

**Möhüm bellik:**

Biziñ zamanymyzda kylynýan tarawalarda ençeme ýalñyşlyklar bardyr. Bularyñ käbiri ymam tarapyndan, käbiri bolsa, jemagat tarapyndan edilýär.

Ymamlaryñ ýalñyşlyklaryndan käbirleri: Tarawany derrew gutarjak bolup sünnetleri hatda wajyblary ýerine gelmejek derejede çalt kyldyrmalarydyr. Hatda hakykatda görülişi ýaly käbir ymamlar her rekatda bir aýat okaýanlary ýa-da rukuda we sežde-de aýtmaly dogalary aýtdymyka?- diýen sorag döretjek görnüşde çalt ruku, sežde edýändiklerine köp gabat gelinýär. Käbirleri bolsa, çenden-aşa namazy uzyn okap jemagaty namazdan sowadýarlar!

Jemagatyñ edýän ýalñyşlaryndan käbiri bolsa: Tarawany bölýändiklerine duşmak bolýar. Dört rekat metjitde galany öýünde ýa-da başga metjitde kylmak. Beýle etmek bilen hem wagt we tarawa üçin doly sogaby gazanmagy ýitirýärler. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bu barada şeýle diýýär: **"Bir kişi ymam bilen bilelikde, namaz gutarýança bile kylsa, oña ol gijäni doly namaz bilen geçiren ýaly sogap ýazylar."** (Ebu Dawud,1, 105)

Jemagatyñ köp edýän hatalaryndan ýene biri: Ymamdan öñ hereket etmek. Hadysda: **"Ymamdan öñ kellesini galdyran kişi: Allahyñ onuñ kellesini we şeklini eşegiñ kellesine we şekline öwürmeginden gorkmaýarmy?"** diýilýär. (Ibn Useýmin, Fykhul-Ibade, sahypa.203-205)

**Tarawada edilýän käbir bidgatlar:**

Bu bidgatlar her ýurtda her hilidir. Iñ köp ýaýrany her dört rekatdan soñra dürli-dürli zikirleri jemagat bilen gygyryp aýtmakdyr. Alymlaryñ aýdyşy bu herekediñ ne sünnetde ne-de sahabalaryñ beýle edenligi barada hiç hili habar ýokdur. Soñky wagtlar ýaýran başga bir bidgatyñ biri bolsa, her 10-rekatdy ýa-da 20-rekady durmadan kylyp soñunda salam bermekdir!

Aýşa enemizden (radiallahu anha) gelen rowaýatda, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) dinde täzelik-bidgat çykarmak barada şeýle diýýär: **"Kim biziñ dinimizde ýok zady tapsa (täzelik çykarsa) ol zat red-inkär ediler."** (Buhari we Muslim) Sahyh Muslimde gelen başga bir rowaýatda bolsa, şeýle diýýär:**"Kim biziñ buýurmadyk (öwretmedik) amalymyzy etse, ol red-inkär ediler."**

***Makala Proffesor. Doktor. Abdullah et-Taýýaryñ Solät/Namaz kitabyndaky, tarawa barada aýdanlarynyñ esasynda taýynlandy.***

Allah Tagala ýetip gelýän Ramazan aýynyñ gündizini orazaly, gijelerini tagat-ybadat bilen geçirmek ählimize nesip etsin!